# Ykbal pasporty

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ykbal pasporty YKBAL PASPORTY




Meň aýalam – ykbalymyň pasporty deý,
ýazylgy olara gören-görjek günlerim.
Ine bu çyzyklar – geçmişimiň gasyny,

şolaň birinde, men bedibagt gögele,
henizem tutup otyryn kakamyň ýasyny.
Bu çyzykda epjek bolup depýäler meni,
munda bolsa synlaýan,
“dost” diýenim dönüp şagal ordasynda şagala,
gykuwa goşulyp, depýä kimdir birini.
Bir çyzyk, ýazmadyk kyssalarymyň öwlüýäsi,
gaýrylan namalarymyň çarbagy käsi.
Bir çyzykda özgä nesip eden pynhan yşgym aglaýar,
gapdalyndakyda alnymdan çykan bagtym
bilbil bolup, garyp göwnüm çaglaýar.
Mertligim,
namartlygym,
wysalym,
armanym,
çagyrylmadyk meýlislem,
süren-sürmedik döwranym,
ýüz öwren-öwürmedik dostlam,
tördäki ornum,
“köwüş bazardaky” kemsinjim,
igenjim,
zeýrenjim,
guwanjym,
begenjim,
gözleý-gözleý tapabilmedik genjim…
…çyzyklara ornapdyr hemmesi.
Şu günümiň çyzyklarynyň birinde,
çök düşüp çöken depejigiň alnynda,
dil ýarman delminýän:
-Nähili?
Başardymmy, aňsadu-kyn günümde
seniň diýen adamyň bolup galmany?
öwüdiň,
käýinjiň,
berekellaň…
ine-gana nesip etmedi,
senden galanja pursatlaryma sazlap,
oňardymmykam, küýsäniňçe bolup bilmäni?!
Başardymmy?!
Dogra “dogry” diýip,

egriň ýanynda egrelmezligi,
köýmeli ýerinde köýüp,
güllemeli ýerinde solmazlygy…
Aklaň arasynda olaň aklygyna guwanyp,
syrtlan sürüsinde olara öýkünmezligi
başardymmy?
Ýa: “dogman geçen” diýdirip,
özümden öňli-soňly göwnüňi geçirdimmi?…

Çyzyklaryň galany,
arzuwlarmyň ümüriňden lybasda.
Pasport-aýam içre tagmalanan täleýim,
göýä gabalan deý çyzyklardan kapasda.
Nämälim geljek,
bolany äşgär,
bolýany aýan,
nämeler boljak?
bilmäniň,
bilmeýäniň,
bilmejegiň,
ýagşymy, ýaman?
Gowusy bilmäýin…
Rebbim!
Şükür edeniňe, etjegiňe,
başaryşymça dyrjaşyp,
ýaşap,
müddetim paýawlanda gitjegime.
Diňe birje sowal,
rugsat ber, aýtmana!
(olam belki öz-özüme),
ýalynsyz ataşda ýanan jigerimiň
yzymda galjak küli ýetermikä “batmana”? Goşgular